# Garyşmaz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Garyşmaz GARYŞMAZ



Asly haram kişiden ýagşylyk bitmez,
Zandy halal ýamanlyga garyşmaz.
Dogry ýoldan ötseň egrilik ýörtmez,
Ýagşylyga ýamanlyk el ýaraşmaz.
Eşekden at, itden şirlik görinermi,
Garadan ak, iriňden bal alynarmy,
Bir doňuza azap etseň bilinermi,
Bu ömür ne ýörtseň daşa ulaşmaz.

Gezildi görüldi ýagşy ýamandan,
Meýlis içi düzüler halal, azandan,
Imany ýer tutmaz süýthor gezenden,
Töhmet, gybat haramlykdan bilişmez.

Balagy kirden bozyk bihaýa halsyz,
Törden orun tutsa porsar amalsyz,
Dolup akyly satar bahasyz malsyz,
Imany päk akly dertlär, dolaşmaz.

Halmyrat dost duşman parhyny bilseň,
Bigadyra yhlas etseň zer salsaň,
Ogry, kezzap bilen tagamdaş bolsaň,
Nanyň iýer, iman ynsap görüşmez.

29.04.2021 ýyl. Goşgular